Özleriniň uzyn boýunlary we aýaklary bilen giňden tanalýan flamingo guşlary esasan deňizlerde, köllerde, olaryň kenar ýakalarynda duş gelýärler. Olar göçüp-gonup ýören guşlar däldir. Emma howa şertleriniň ýa-da suwuň derejesiniň birden üýtgemegi olaryň göçüp gitmegine sebäp bolup bilýär. Ýelekleriniň we derisiniň reňki doglan wagtlary **ak ýa-da çal** reňkde bolsa-da, wagtyň geçmegi bilen olaryň gülgüne-mämişi reňke öwrülýändigi täsin ýagdaý bolsa gerek. Muňa olaryň gündeki iýýän deňiz önümleriniň düzüminde örän köp mukdarda duş gelýän **beta kerotin**, ýagny mämişi reňkli pigmentleriň sebäp bolýandygyny aýdýarlar.

«Flamingo» sözüniň özi hem ispan dilinden terjime edilende, **«alaw reňkli»** diýen manyny berýär. Gynansak-da, häzirki wagtda flamingo guşlaryna ýitip gitmek howpy abanýar.

*Taýýarlan* ***Ýazgül Kakageldiýewa***

Paýlaşyň: